# Bagtly men

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Bagtly men Aşyrmuhammet SEÝITNUROW

▶ BAGTLY MEN

Jigerbendim, geregim,
Sensiz bolmaz deregim.
«Ýar-ýar» diýip urup dur
Gursagymda ýüregim.

Kamatyňa maýyl men,
Yşk oduňa kaýyl men.
Gül bolup gowuşmanyň
Hiç bilemok tabyn men.

Düşün maňa, jenanym,
Şeýdasy men lebleriň.
Söýgim saňa bor mälim,
Bir gün näzli dilberim.

Ak ýüzi syýa hallym,
Ýürek saňa bendiwan.
Seň bilen giň jahanda
Hem bagtly men, hem juwan.

▶ KÄTE GARAŞA-GARAŞA

Sowgat goýan güllem soldy
Käte garaşa-garaşa.
Serden hyýalym sowuldy
Käte garaşa-garaşa.

Bakyp durýan ýoluň garap,
Mütdet ötse, bolýan harap.
Diwana dönýän soraglap,
Saňa garaşa-garaşa.

Söýgi azat, bagtly döwrüm,
Ýöne durmuş ýoly öwrüm.
Ýyksañ-da, gyz, käte göwnüm
Bitdi, garaşa-garaşa.

▶ MEN BAGTYÝAR

Ýürek gitdi gobsunyp,
Kaklyşanda nazarym.
Geldim saýýadyñ bolup,
Yzlap kalbyñ güzerin.

Hak aşyk men, bilsene,
Baky bagtym bolsana,
Ýalbarýaryn ýalka-da,
Gül goýnuña salsana.

Gün geldikçe güýjeýär
Bu ýüregiñ urgusy.
Söýgim beter süýjeýär
Artyp näzik duýgusy.

Mahy taban gül ýüzüñ
Genjidir gül ömrümiñ.
Bar jebriñe dözerin
Bu mukaddes söýginiñ.

Yşkyñ girdabynda men,
Ýokdur mende ygtyýar.
Erkim elden gitse-de,
Bagtyýar men, bagtyýar. Goşgular